# Wirus!..

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Wirus!..

WIRUS!..

Bir tanşym gürrüñ beripdi:
Ýakynda howa menzilinde uçara garaşyp durka ýüzleri maskaly iki sany gyýýk gözli ýolagçy gelipdir.
Salonda oturanlar koronawirus ýolugaýmasyn diýen gorkuda töwerekden çaltlyk bilen daşlaşanlarunda, tanşym töwekgelçilik edip olar bilen gürrüñdeş bolupdyr.
Gyýýk gözli ýolagçylar hakykatdanam hytaýly eken!
Emma olaryñ Hytaýdan çykyp gaýdanlaryna birnäçe ýyl bolanmyş!..

★★★

Ýadyñyza salyñ:
Guş dümewi ýaýran wagtynda-da diñe towuk etini däl, ganatly haýwanlary iýmekden gorkunçlaryna sarp edijiler towuk eti satylýan ýerleriñ golaýyndanam geçmediler.
Köpçülikleýin towuk öldürmeler gorkunç netijeleri döretdi, guş eti önümçiligi çökgünlige uçrady.
Guşçulyk fermalaryndan çörek iýýän 200 müñe golaý maldarçylyk hojalygy perişan hala geldi.
Hemmesinden beteri guş iýmini taýýarlap gün görýän ýoksul hojalyklaryñ çagalary bu iñ arzan bahaly et proteinine mätäçlik çekmäge başladylar.

★★★

Her näme-de bolsa belli alymlarymyz integrasion fermalarda berk gözegçilik astynda saklanan towuklarda wirus bolup bilmejegine kepil geçensoñlar, orta girip, halk köpçüligine çekinmezden guş etini iýip biljekdiklerini mälim edipdik.

Şeýdip howsala dep edildi, petige dirän guş eti we ýumurtga söwdasy birden ýokarlanyp gitdi.
Bu sosial jogapkärçilik meýilnamasyny meýletin ýagdaýda öz üstümize almagymyzyň ýeke-täk bir sebäbi bardy:
Iki ýüz müňe golaý maşgalanyň aç galmagynyň öňüni almak we ýoksul çagalarymyzyň protein sarp etmelerini üpjün etmek.
Daýanjymyz bolsa alymlaryň pikirleri we halkymyzyň bize bolan ynamydy…

★★★

Häzir dünýä koronawirus howpy astynda.
Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy duýdurýar.
Howp uly. Wirusyň çykan ýeri holan Hytaý başlyklaýyn ähli ýurtlaryň haýdan-haý öňüni alyş çärelerini geçirmeleri zerur.

★★★

"Şu döwürde biz näme etmeli?" diýen soragyň jogabyna geler bolsak…
Alym bir dostum şulary aýdypdy:

“Günbatar metbugatyndan gözbaş alýan, soňundan seljerilende aňyrsynda birgiden hasabynyň bardygy ýüze çykan sansasional habarlara däl-de, ynamdar alymlarymyzyň beýannamalaryna we maslahatlaryna gulak gerip, olaryň ündeýän şahsy gorag çärelerini kemçiliksiz berjaý etmelidiris.
Ýöne bulary ýerine ýetirenimizde gorkynyň we was-wasynyň bedenimizi ýesir almagyna asla ýol bermeli däldiris.
Çünki köpüňiziň bilşi ýaly, gorky we was-wasylyk immunitet goragymyzyň ganym duşmanlarydyr.
Gorka we was-wasa düşendigi üçin immunitet goragyny pese düşürenler koronawirusfsn gaçjak bolup, başga bir howply wirusa, meselem, doňuz dümewine ýolugyp bilerler!..”

Ugur DÜNDAR.

02.02.2020 ý, "Sözcü" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby.

Medisina